Internet sahyp üçin düzedip taýýarlan ; Timur Kor

# a) Çekimsiz sese gutarýan atlaryň ýöňkeme bílen üýtgeýişleri

**38-nji gönükme.** Okaň we soňy çekimsiz bilen gutarýan şu atlara goşulan ýöňkeme goşulmalaryny aýdyň.

**Birligi:**

| | | | |
|---|---|---|---|
| 1.Galamymy | dostum | gözüm, | depderim. |
| 2.Galamyň | dostuň, | gözüň, | depderiň. |
| 3.Galamy | dosty, | gözi, | depderi. |

**Köplügi:**

| | | | |
|---|---|---|---|
| 1.Galamymyz | dostumyz | gözümyz | depderimyz |
| 2.Galamyňyz | dostuňyz | gözüňyz | depderiňiz |
| 3.Galamy | dosty, | gözi, | depderi. |

**Çekimsiz bilen gutarýan atlaryň ýöňkeme goşulmalary**

| Ýöňkemeler | Birligi | Köplügi: |
|---|---|---|
| Menlik | -ym, -im,<br>-um, -um, | -ymyz, -imiz,<br>-umyz, -ümiz. |
| Senlik | -yň, -iň,<br>-uň, -ün, | -umyz, -ümiz<br>-uňyz, -üňiz. |
| Onluk | -y, -i, | -y, -i. |

Ahyrlary çekimsiz bilen gutaran atlaryň ýöňkeme goşulmalaryny owreniň we biliň.

* * *

**39-nji gönükme.** Sözleri okaň we göçüriň. Çekimsiz sese gutarýan atlaryň ýöňkeme goşulmalaryny kabul edenleriniň aşagyny çyzyň.

1. Maksadyň özünden úly dogany traktor sürýär Onuň traktory hemişe saz işleýär.

2. Meniň doganym bäşinji klasda okaýar.

3. Şu suraty men seniň galamyň bilen çekdim.

Turkmenkultur.com

4. Biziň goňşymyz täze maşyn aldy.

5. Men gözüm bilen gören zatlarymy aýdýaryn.

6.Siziň öýüňiz bu ýerden gaty uzakdamy?

Aşagyny çyzan sözleriňize goşulan ýöňkeme  goşülmalaryny aýdyň.

*traktor*

* * *

**40-nji gönükme.** Sözlemleri okaň we ahyrlary çekimsin bilen gutarýan atlaryň ýöňkeme  bilen üýtgänlerini depderiňizc göçüriň.

1. Biziň ýaşaýan şäherimiz örän úly. Şäheriň golaýyndan úly ýap akýar. Ýabyň suwy, köplenç, dury bolýar.

2. Biziň şu gün işimiz köp. Siziň işiniz köpmi?

3. Biz ony gözümiz bilen gördük.

4. Biziň barýan ýolumyz aýdyň.

5. Öýümize baryp gelýänçäk garaş .

6. Siziň jaýyňyzy gördük, öýünize girdik, köp oturmadyk.

7. Biziň suwumyz ekinleri suwarmaga doly ýetýär.

8. Biz siziň sözüňize doly ynanýarys.

9. Içjek suwuňyzy uzakdan getirmeli bolýan däldir.

**10.** Biziň ýolumyz siziň ýoluňyz bilen esli ýere çenli ugurdaşrak gidýär

Göçüren   sözleriňize   haýsy   ýoňkemäniň   gosulmasynyň goşulandygyny aýdyň.

* * *

**41-nji gönükme.** Aşakdaky menlik we senlik ýöňkemeleri bilen üýtgedilen atlary okaň we soraglara jogap beriň.

Turkmenkultur.com

**Birligi:**

| | | | |
|---|---|---|---|
| 1.Sözüm | golum | goşum, | gülüm. |
| 2.Sözüň, | goluň, | goşuň, | gülüň. |

**Köplügi:**

| | | | |
|---|---|---|---|
| 1.Sözümiz | golumyz | goşumyz | gülümyz |
| 2.Sözüňiz | goluňyz | goşuňyz | gülüňiz |

1. Ýokarky ýöňkeme bilen üýtgedilen atlaryň düýp sözleriňi aýdyň.

2. Şol atlaryň düýp sözleri näçe bogunly?

3. Olaryň düýp sözleriňdäki çekimli dodaklanýan çekimlimi ýa-da dodaklanmaýan çekimlimi?

4. Bulara nähili ýöňkeme goşulmasy goşulypdyr?

Menlik ýöňkemaniň *-um, -üm, -umyz, -ümiz,* senlik ýöňkemäniň *-uň, -üň, -uňyz, -üňiz* goşulmalary dodak çekimlisi bolan bir bogunly, çekimsiz sese gutarýan atlara goşulýar. Meselem: *donum, donumyz, öýüm, öýümiz, donuň, donuňyz, öýüň, öýüňiz.*

**42-nji gönükme.** Sözlemleri okaň. Köp nokatlara derek degişli ýöňkeme goşulmalaryny ýazyp, sözlemleri depderiňize göçüriň.

1. Meniň göz... bilen seretseň, hemmesi örän oňat.

2. Biziň söz... iki çykmaly däldir.

3. Biziň ýol... örän dogrudyr.

4. Aşyr meniň oňat dost... bolmaly.

5. Siziň hem söz... söz bolsun.

6. Seniň tutan guş...nähili guş?

Köp nokatlara derek ýazan gosulmalaryňyzyň haýsj ýoňkemäniň goşulmasydygyny aýdyň.

Turkmenokuw.com

guşumyz

**43-nji gönükme.** Aşakdaky atlary ýöňkemeleriň birligi **we** köplügi bilen üýtgedip, depderiňize ýazyň.

Guş, ýol, gül, söz, don.

**Nusga:**

| **Birligi:** | **Köplügi:** |
|---|---|
| *1.Söz-üm, ...* | *Söz-ümiz, ...* |
| *2.Söz-üň, ...* | *Söz-üňiz, ...* |
| *3.Söz-i, ...* | *Söz-i, ...* |

Her sözüň soňuna goşan ýöňkeme goşulmaňyzy aýdyň.

* * *

**44-nji gönükme.** Aşakdaky menlik we senlik ỳöňkemele bilen üỳtgedilen atlary okaň we soraglara dilden jogap beriň.

**Birligi:**

| | | | |
|---|---|---|---|
| 1. Depderim, | galamym, | saçym, | elim. |
| 2.Depderiň, | galamyň, | saçyň, | eliň. |

**Köplügi:**

| | | | |
|---|---|---|---|
| 1. Depderimiz | galamymyz | saçymyz | elimiz |
| 2.Depderiňiz | galamyňyz | saçyňyz | eliňiz |

1. Ýokardaky ýöňkeme bilen üýtgedilen atlaryň düýp sözlerini aýdyň.

2. Olaryň düýp sözleri näçe bogunly? Şolaryň bir bogunlysynda dodak çekimli barmy?

3. Bulara nähili ýöňkeme goşulmasy goşulypdyr?

Turkmenkultur.com

Menlik ýoňkemaniň *-ym, -im, -ymyz, -imiz* senlik ýöňkemäniň *-yň, -in, -yňyz, -iňiz* goşulmalary köp bogunly we dodak çekimlisi bolmadyk bir bogunly, çekimsiz sese gutarýan atlara goşulýar. Meselem: *bilim, bilimiz, doganym, doganymyz, biliň, biliňiz, doganyň, doganyňyz.*

**45-nji gönükme.** Matallary okaň we ýoruň. Ýöňkeme goşulmasyny kabul eden sözleri aýdyň.

Aýym bar, aý bendim bar,

On iki heýkel, bir bendim bar.

Agyr halym kakabilmen.

Ownuk daşyn dökebilmen.

Bir etek aşygym bar,

içinde'bir topazım bar.

Agyl doly akja guzym,

Ertir tursam ýokja guzym.

*Matal ýormak* diýen aňlatmanyň manysyny sözlükden öwreniň.

**46-nji gönükme.** Sözlemleri okaň we göçüriň. Ýaýyj içindäki atlara degişli ýöňkeme goşulmasyny goşup, olary ýaýdan çykaryp ýazyň.

1. Meniň (kitaplar) örän arassadyr.
2. Siziň (çagalar her ýyl tomus oňat dynç alýarlar.
3. Biziň (etrap) şu ýyl pagta borçnamasyny artygy bilen doldurar.
4. Seniň (dogan) nireden geldi?
5. Biziň (köçe) baglyk owadan.

Turkmenkultur.com

**47-nji gönükme.** Aşakdaky atlary ýöňkemeleriň birligi we köplügi bilen üýtgedip, depderiňize ýazyň.

Pil, kätmen, galam, kagyz, odun, mekdep.

Nusga:

| **Birligi:** | **Köplügi:** |
|---|---|
| 1.*Odun-ym, ...* | *Odun-ymyz, ...* |
| *2. Odun-yň, ...* | *Odun-yňyz, ..* |
| *3. Odun-y, ...* | *O dun-y, ...* |

* * *

**48-nji gönükme.** Okaň we çekimsiz sese gutarýan, ýöňkeme bilen üýtgedilen atlary saýlap göçüriň. Göçüreniňizde, düýp söz bilen ýöňkeme gosulmasynyň arasyna kese çyzyjak goýuň.

Howlymyz, howlyňyz, otum, otuň, otumyz, otuňyz bagym, bagyň, bagymyz, bagyňyz, köçämiz, köçäňiz göläm, göläň, goläňiz, gölämiz, depderiň, depderimiz, depderiňiz, ýolumyz, ýoluňyz, öýümiz, öýüňiz, işim işiň, işimiz, işiňiz.

Nusga: *ot-um, ot-uň, ...*

Göçüren atlaryňyza ýöňkemäniň şol goşulmasynyň goşulmagynyň sebäbini düşündiriň.

* * *

**49-nji gönükme.** Sözlemleri okaň. Has gara ýazylan sözleriň haýsy ýöňkemededigini , olaryň ýöňkeme goşulmalaryny aýdyň we şol gosulmalaryň gosulmagynyň sebäbini düşündiriň.

**Mugallymymyz** ýakyn günlerde gezelenje gitjekdigimizi aýtdy. Biz müňa begendik. Gezelenje gitmeli **günümiz** ýetip geldi.

Hemmämiz mekdebe ýygnandyk. Bu gezek gezelenje guma tarap gitdik. Mugallym bize gumuň ot-çöpleri, haýwanat **dünýäsi** barada gyzykly gürrüň berdi. Gezelenç bizde oňat täsir galdyrdy.

1. Ýokarky hekaýajygyň mazmunyna laýyk sözbaşy tapyň.

2. *Täsir galdyrmak* diýen aňlatmanyň manysyny sözlükden öwreniň.

Turkmenkultur.com

**50-nji gönükme.** Aşakdaky soňlary çekimsiz sese gutarýan atlary ýöňkemeleriň birligi we köplügi bilen üýtgedip, depderiňize ýazyň.

Depder, guş, galam, göz, yz, söz.

Nusga:

| Birligi: | Köplügi: |
|---|---|
| 1.*Depderim,* | *Depderimiz,* |
| 2. *Depderiň,* | *Depderiňiz,* |
| 3. *Depderi,* | *Depderi.* |

Şu atlaryň her birine ýönkemaniň şol goşulmasynyň goşulmagynyň sebäbini düşündiriň.

* * *

**51-nji gönükme.** Hekaýajygy okaň. Has gara ýazylan sözleri haýsy ýöňkemede digini we olaryň ýöňkeme gosulmalaryny aýdyň

Biziň **klasymyz** mekdebimiz boýunça görelde klaslaryň biri hasaplanylýar. Klasymyzyň **okuwçylarj** örän tertipli. Olaryň hemmesi sapaklaryňa oňat ýetişýärler. Mekdebiň köpçülik **işlerine** işeňňir gatnaşýarlar.

Geçen dynç güni **mekdebimizde** ýowar geçirildi. Şonda meniň **klasdaşlarym** demir bölеklerin ýygnamakda beýleki klaslaryň okuwçylarynda tapawutlandylar. Olar köp demir, çoýun bölеklerni ýygnadylar. **Mugallymymyz** bize hoşallyk bildirdi.

1. Hekaýajygy mazmunyna görä iki bölege bölüň we her bölege degişli sözbaşy tapyp aýdyň.

2. Hoşallyk bildirmek diýen aňlatmanyň manysyny sözlükden öwreniň.

**52-nji gönükme.** Aşakdaky at sözleriňe haysy-da bolsa bir ýöňkemäniň goşulmasyny goşun we olaryň hersini bir sözlemde ulanyp, depderiňize ýazyň.

Gol, bag, göz, ýüz,el, yol, güýz.

N u s g a : *Türkmenistanyň güýzi* ***ähli*** *hasyllaryň ýetişýän we ýygnalýan döwrüdir.*

Ýokarky sözleri düzen sözlemleriňizde haysy ýönkemed getirendigiňizi aýdyň.

Turkmenkultur.com

**53-nji gönükme.** Sözlemleri göçüriň. Has gara ýazylan sözlere haýsy ýoňkemaniň goşulmasynyň goşulandygyny we şeýle goşulmanyň goşulmagynyň sebäbini aýdyň.

1. Sen şu aýdýanlaryňy öz **gözün** bilen gördüňmi?

2. Siziň **obaňyz** pagta ekýarmi?

3. Siziň **öýüňiz** Türkmenabat şäheriniň niresinde?

4. Biziň **öýümiz** gaty uzakda däl.

5. Karhananyň **işçileri** arakesmä çykdylar.

6. Biziň **ýolumyz** şu tarapa bolmaly. 7. Şu günki etmeli **işiňiz** gutardymy?

**54-nji gönükme.** Sözlemleri okaň we has gara ýazylan sözleri nusgadaky ýaly edip, depderiňize ýazyň. Soraglara dilden jogap beriň.

1. Meniň **boýum** seniň **boýun** bilen denräk bardyr.

2. Biziň **boýumyz** has uzynrakdyr.

3. Siziň hasyl **toýuňyz** haçan bolmaly?

4. Biziň hasyl **toýumyz** dekabr aýynda geçirilýär.

N u s g a : *boý — boýum.*

1. Göçüren sözleriňiz ýönkeme goşulmasyny kabul etmedik ýagdaýynda näçe bogunly we olaryň ahyrlary nähili sese gutarýar?

2. Şolaryň asyl sözündäki çekimli dodaklanýan çekimlimi ýa-da dodaklanmaýan?

*ýolumyz*

**55-nji gönükme.** Sözlemleri göçüriň we ýöňkeme goşulmalaryny kabul eden atlaryň aşagyny çyzyň.

1. Siziň toýuňyz örän dabaraly ýagdaýda geçdi.
Meniň boýum seniň boýuňdan uzyn. **3.** Biziň

boýumyz deňeçerräk bar. 4. Toýuň toýa ulaşsyn.

Turkmenkultur.com

**56-nji gönükme.** Aşakdaky atlary ýöňkemeleriň birligi we köplügi bilen ýütgedip, depderiňize ýazyň.

Göz, guş, garpyz, el, toý, boý, gül.

Nusga:

| Birligi: | Köplügi: |
|---|---|
| *1. Gözüm* | *Gözümiz,* |
| *2. Gözüň,* | *Gözüňiz,* |
| *3. Gözi.* | *Gözi.* |

**57-nji gönükme.** Sözleri okaň. Bularyň asyl sözüni, şol asyl sözleriň her biriniň näçe bogunlydygyny we haýsy seslere gutarýandygyny aýdyň.

Kitabym, kitabyň, kitaby, kitabymyz, kitabyňyz, agajym, agajyň, agajy, agajymyz, agajyňyz, oragym, oragyň, oragy, oragymyz, oragyňyz, söwüdim, söwüdiň, söwüdi, söwüdimiz, söwüdiňiz.

Ýokarky sözlere ýönkeme goşulmasynyň goşulmagy bilen olarda nähili üýtgeşikligiň bölüp geçýandigini düşündiriň.

**58-nji gönükme.** Sözlemleri okaň we göçüriň. Ýönkeme goşulmasy goşulan atlaryň aşagyny çyzyň.

1. Biziň obamyz etrap merkeziniň golaýynda ýerleşýär.Meniň doganım obamyzyň arçyny bölüp işleýär. 2. Mekdebimiziň baý kitaphanasy bar.

3. Men ýorganymy, düşegimi özüm ýygnaýaryn.

4. Biziň Myradymyz hemme sapaklardan oňat bahalar alýar.

5. Seniň eken agajyň örän oňat kök alypdyr.

1. Aşagyny çyzan sözleriňize haýsy ýöňkemaniň goşulmasynyň goşulandygyny aýdyň.

2. Aşagyny çyzan atlaryňyzyň haýsysynda ýöňkeme goşulmasynyň goşulmagy bilen dymyk *ç, k, p, t* sesleri açyk y*, g, b, d* sesleriňe öwrülipdir.

*Kök almak* diýen aňlatmanyň manysyny sözlükden öwreniň.

Turkmenkultur.com

**59-nji gönükme.** Aşakdaky atlary ýöňkemeleriň birligi we köplügi bilen üýtgedip, depderiňize ýazyň.

Gol, depder, ýüz/ taýak, kitap, galam, boý. Nusga:

| **Birligi:** | **Köplügi:** |
|---|---|
| 1. *Taýagym.* | *Tqýagymyz.* |
| *2. Taýagyň.* | *Taýagyňyz.* |
| *3. Taýagy.* | *Taýagy.* |

* * *

**60-nji gönükme.** Nokatlaryň deregine degişli ýönkeme goşulmalaryny ýazyp, sözlemleri göçüriň.

1. Biziň şäherler..., obalar... ýyl-ýyldan abadanlaşýar.
2. Seniň maňa obadan ýazan hat... gowuşdy.
3. Biziň wagt... şatlykly geçýär.
4. Siziň giden ýer... bu ýerden uzakdamy?
5. Meniň gyzykly kitap... bar.
6. Meniň boý... gysga däldir.
7. Öz göz... bilen göreniň gowy boldy.

şatlykly

* * *

**61-nji gönükme.** Läleleri labyzly okaň. Has gara ýazylal sözleriň haýsy ýöňkemede digini  we olaryň yönkeme goşulmalaryny aýdyň.

Turkmenkultur.com

**Läleler**

Gül-gülüstan **Watanym,**
Bagy-bossan Watanym,
Ýüz-müň ýyllar ýaşasyn,
Arzuw eýläp ýetenim.

Oktýabrdyr **aýymyz**
Tutýas úly **toýumyz.**
Tanaldyk Ýer ýüzüne
Bolmaz biziň **taýymyz.**

Haly dokar **ellerim,**
Kitap okar **dillerim.**
Watan üçin, halk üçin
Dynman işlär **illerim.**

Açyk biziň **bagtymyz,**
Şadyýana **wagtymyz,**
Üstümize nur saçýar
Aşgabat **paytagtymyz.**

1. Läleleriň her bendiniň mazmunyny öz sözleriňiz biler aýdyň.
2. *Nur saçmak* diýen aňlatmanyň manysyny sözlükden öwreniň.

* * *

**62-nji gönükme.** Aşakdaky atlary ýöňkemeleriň birligi we köplügi bilen üýtgedip, nusgadaky ýaly görnüşde depderiňize ýazyň.

Guş, gül, çekiç, çigit, dogan, käşir, sagat.

N u s g a : *sagat-sagad-ym, sagad-yň, sagad-y, sagad-y my z, sagad-yňyz, sagad-y, ...*

Turkmenkultur.com

**63-nji gönükme.** Şu atlary ýöňkemeleriň diňe birligi bilen üýtgedip, hersini bir sözlemde getiriň hem-de depderiňize ýazyň.

Ýol, kitap, depder.

Nusga: *ýol-ýolum, ýoluň, ýoly. Meniň ýolum siziň gapdalyňyzdan geçýär. Seniň ýoluň haýsy tarapa? Onuň ýoly örän ýakyndyr.*

* * *

**64-nji gönükme.** Şygry labyzly okaň. Has gara ýazylan atlary ỳönkemeler bilen üỳtgediň.

**Bil, jigi!**

**Watan** saňa bagyş edýär,
Bu gülli ýodajygy.
Gülüp, oýnap sat bolup,
Erkana ulal **jigi!**

Watan saňa bagyş edýar,
Bu miweli baglary.
"Ak altynly" düzleri,
Baýlygy kän daglary.

Watan saňa bagyş edýär,
Mekdep-ylym öýleri.
Deňiz, **howuz,** kölleri,
**Derýa,** çeşme-çaýlary.

Watan saňa bagyş edýär,
Gel sen, eýe bol, jigi!
Bu zatlaryň gadyryn,
Elmydama bil, jigi!

H. *Nurmyradow.*

Turkmenkultur.com

**65-nji gönükme.** Sözlemleri okaň. Menlik ýöňkemede gelen sözleriň aşagyny çyzyň.

l. Biziň mekdebimiz şäheriň merkezinde ýerleşýär. Mekdebimizde uly kitaphana bar. Meniň doganym kitaphanadan gyzykly kitap aldy.

2. Meniň kakam aýna zawodynda işleýär.

3. Biziň mugallymymyz çagalary örän gowy görýär.

4. Meniň jigim çagalar bagyna gatnaýar.

* * *

**66-nji gönükme.** Okaň we köp nokatlara derek ýaýyň içindäki ỳönkeme goşulmalarynyň degişlisini ýazyp, Sözlemleri depderiňize göçüriň.

1. Meniň dogan... (-im, -*ym*, -um, -üm) obamyzda traktör sürýär. Ol etrap... (-umyz, -ümiz, -ymyz,,
imiz) boýunça ökde traktorçy hasaplanýar. Onuň sürýän traktör... (-i, -y) mydama saz işleýär.

2. Seniň çeken surat... (-uň, -yň, -iň, -üň) maňa ýarady. Reňkleri ýerli-ýeriňde ulanmagy başarypsyň. Klas...dá (-iňiz, -yňyz) oňat surat çekip bilýän başga kim bar?

Köp nokatlara derek ýazan gosulmalaryňyzyň her biriniň haýsy ýoňkemaniňkidigini aýdyň.

Turkmenkultur.com